# Ýa Remezan!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýa Remezan! ÝA REMEZAN!




On bir aýyñ şasy bolup,
Şeýtanlaryñ ýasy bolup,
Möminiñ telwasy bolup,,n
Uçup geldiñ, ýa Remezan!
Ybadat sen Haka guldan,
Zyýatsyñ 83 ýyldan.
Barýanlary dogry ýoldan,
Guçup geldiñ, ýa Remezan!

Eçil Köwser sakasyny,
Päkle kalbyñ hapasyny.
Jennet Reýýan gapysyny,
Açyp geldiñ, ýa Remezan!

Alyp köñlüñ päk netini
Ýeñlet ruhy mähnetini.
Allañ Nury-Rehmetini,
Saçyp geldiñ, ýa Remezan!

Iýmäni tutdyk damagy,
Gysyldy nebsiñ damary.
Nije ýagşyny-ýamany,

Saçyp geldiñ, ýa Remezan!

Dädebaý ISAÝEW.

07.05.2019 ý. Goşgular